# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
# K A R A R Y

«17» sentýabr 2010 ý. № 11266 Aşgabat ş.

## Aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmak hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy 2010-njy ýyl, № 8-9, 1025-nji madda)

«Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda we «Türkmenistanda ygtyýarlylandyrmak işini guramagyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran 10281-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

2. «Aragatnaşyk babatdaky işi ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 24-nji fewralynda çykaran 4585-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2000-nji ýyldaky 2-nji ýygyndysynyň 134-nji maddasy) güýjüni ýitiren hasap etmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary N.Şagulyýew, T.Japarow, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministri Ö.Jumagulyýew, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministri B.Hojamämmedow hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy G.Saparlyýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2010-njy ýylyň 17-nji sentýabrynda
çykaran 11266-njy karary bilen
tassyklandy

**Aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmak hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 23.06.2014 ý. çykaran № 13722 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

## I. Umumy düzgünler

l. Şu Düzgünnama «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, aragatnaşyk babatynda iş ygtyýarlylandyrylanda hökmany bolan kadalary we düzgünleri belleýär.

2. Aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmagyň maksady aragatnaşyk ulgamlarynyň bökdençsiz we ygtybarly işlemegini üpjün etmek, sarp edijilere dünýä standartlaryna laýyk gelýän aragatnaşyk hyzmatlaryny etmek, şeýle hem işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşi amala aşyrylanda döwletiň, şahsy we edara görnüşli taraplaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak bolup durýar.

## II. Ygtyýarlylandyrmagyň subýektleri

3. Aragatnaşyk babatynda işi Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi (mundan beýläk - Ygtyýarlylandyryjy edara) tarapyndan berilýän ygtyýarnamanyň esasynda, şahsy taraplaryň we bu iş Tertipnamasynda bolan edara görnüşli taraplaryň amala aşyrmaga hukugy bardyr.

4. Aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmak üçin ygtyýarnamany şu Düzgünnamanyň 3-nji bölüminde görkezilen, işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini düzýän işleri ýerine ýetirýän we (ýa-da) hyzmatlary edýän ýa-da işiň şu görnüşlerini ýerine ýetirmegi maksat edinýän taraplaryň ählisi almaga borçludyr.

Ygtyýarnamaly tarapyndan kanunçylykda bellenen tertipde işiň beýleki görnüşlerini amala aşyrmak üçin alnan ygtyýarnama ony şu bölümiň birinji bendinde görkezilen borçnamalardan boşatmaýar.

5. Ygtyýarnamanyň güýji ygtyýarnamaly bilen bilelikde iş alyp barýan şahsy we edara görnüşli taraplara, şeýle hem ygtyýarnamaly edara görnüşli tarapyň esaslandyryjysy (esaslandyryjylarynyň biri) bolup durýan beýleki şahsy we edara görnüşli taraplara degişli däldir.

Ygtyýarnama şahsy tarap bolup duran ygtyýarnamala aragatnaşyk babatynda hünärmenler we tehniki işgärler hökmünde, şeýle hem ygtyýarnama laýyklykda diňe ygtyýarnamalynyň ýerine ýetirmäge hukugy bolan işleri ýa-da hyzmatlary ýerine ýetirijiler hökmünde üçünji tarapyň hakynatutma zähmetini peýdalanmaga hukuk bermeýär.

6. Şu Düzgünnamanyň güýji şu aşakdaky işlere degişli däldir:

1) aragatnaşyk babatynda Radioýygylyklar spektri boýunça döwlet gullugy we Türkmenistanyň Feldýegerlik gullugy tarapyndan amala aşyrylýan işlere;

2) «Adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüniň alynmagy we ýok edilmegi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, tebigy betbagtçylyklara garşy göreşmek, olaryň netijelerini, şeýle hem ýangynyň netijelerini ýok etmek, awariýa-halas ediş işleriniň geçirilmegini talap edýän awariýalary we beýleki heläkçilikleri ýok etmek bilen baglanyşykly işi amala aşyrýan taraplara;

3) önümçiligiň içindäki işi we tehnologiki işleri dolandyrmak üçin niýetlenen, umumy peýdalanylýan aragatnaşyk ulgamyna çykalgasy bolmadyk we beýleki şahsy we edara görnüşli taraplara aragatnaşyk hyzmatlaryny etmeýän önümçiligiň içindäki we tehnologik maksady bolan ulgamlary döretmek we ulanmak boýunça işleri ýerine ýetirýän we (ýa-da) hyzmat edýän taraplara;

4) aragatnaşyk babatynda telekeçilik işi bolup durmaýan we Türkmenistanyň kanunçylygynda şonuň ýaly iş diýlip kesgitlenmedik beýleki işleri ýerine ýetirýän we (ýa-da) hyzmatlary edýän taraplara.

7. Aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama şahsy taraplara Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 13180-nji karary bilen tassyklanan, Ygtyýarlylandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleri boýunça ygtyýarlylandyryjy edaralaryň sanawy hem-de ygtyýarnamalaryň berilmegi üçin alynýan döwlet pajynyň möçberleriniň «Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda ygtyýarlylandyrylýan işiň kiçi görnüşi» diýen sütüniniň (mundan beýläk - YIGDK) diňe 95.1, 63.10 we 82.10-njy şertli belgileri (kodlary) boýunça berilýär.

8. Aragatnaşyk babatynda işiň düzüminde ygtyýarlylandyrmaga degişli we YIGDK-nyň aşakdaky şertli belgilerinde (kodlarynda) kesgitlenen işler we hyzmatlar boýunça:

1) 33.14, 33.14.90, 95.1, 95.12, 42.2, 42.22, 43.21, 53.20, 61.10, 61.20, 61.30, 61.90, 60.10, 60.20, 63.11, 63.10, 71.12, 71.20, 82.10-njy şertli belgiler(kodlar) boýunça ygtyýarnama diňe telekeçilik işi bilen meşgullanýan edara görnüşli taraplara berilýär;

2) 53.10-njy şertli belgi (kod) boýunça ygtyýarnama diňe «Türkmenpoçta» döwlet poçta aragatnaşygy kompaniýasyna we onuň garamagyndaky edara-kärhanalara berilýär;

3) 95.12-nji şertli belgi (kod) boýunça gaýtadan dikeltmegi, gurnama, tehniki hyzmaty we teleradiohabar beriş serişdeleriniň tehniki abatlanyşyny goşmak bilen, ýöriteleşdirilen aragatnaşyk, tele we radioelektron enjamlary abatlamak işlerini amala aşyrmaga ygtyýarnama «Türkmentelekom» döwlet elektroaragatnaşyk kompaniýasyna we onuň garamagyndaky edara-kärhanalara hem-de «Teleradiomerkezi» döwlet kompaniýasyna berilýär;

4-nji kiçi bölümi Türkmenistanyň Prezidentiniň 23.06.2014ý. №13722 karary esasynda güýjüni ýitiren.

9. Aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmaga bolan hukuk degişli ygtyýarnamanyň alnan pursadyndan başlap ýüze çykýar we ol hukuk ygtyýarnamanyň möhletiniň tamamlanmagy bilen ýitirilýär.

10. Aragatnaşyk babatynda işiň ygtyýarnama almazdan amala aşyrylmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

## III. Ygtyýarlylandyrmagyň mazmuny

11. Ygtyýarnama ygtyýarnamala Türkmenistanyň ykdysady işleriniň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda aragatnaşyk babatynda işi düzýän işleri we (ýa-da) hyzmatlary telekeçilik işi hökmünde ýerine ýetirmäge hukuk berýär.

12. Amala aşyrmaga rugsat edilýän işleriň we hyzmatlaryň möçberi Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan ygtyýarnama bermek barada çözgüt kabul edilende ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň (ygtyýarnamalynyň) şu Düzgünnamada bellenen, olara bildirilýän ygtyýarnama talaplaryna we şertlerine laýyk gelýändiginden ugur alnyp bellenýär.

Işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen, Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda ygtyýarlylandyrylýan işiň kiçi görnüşine laýyklykda ygtyýarnamada görkezilýär.

13. Aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmak üçin ygtyýarnama 3 ýyl (Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ulgamyna girýän kärhanalara 10 ýyl) möhlete berilýär. Bu möhlet Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde gysgaldylyp ýa-da uzaldylyp bilner.

14. Aragatnaşyk babatynda amala aşyrylýan işleriň, edilýän hyzmatlaryň çäkleri (zolaklary, radioýygylyklary) we görnüşleri boýunça çäklendirmeleri, şol sanda ygtyýarnamanyň dalaşgäri daşary ýurtlular we daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we esaslarda çäklendirmeleri göz öňünde tutýar.

15. Ygtyýarnamanyň bolmagy ygtyýarnamalyny bellenen sanitariýa talaplary, aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmagyň hiline we howpsuzlygyna bildirilýän talaplary berjaý etmek, aragatnaşyk enjamlaryny we serişdelerini tehniki taýdan ulanmagyň kadalaryny ýerine ýetirmek, zähmeti goramak we ýangyn howpsuzlygyny berjaý etmek üçin zerur bolan şahadatnamalary, güwänamalary we beýleki resmi namalary almak borçlaryndan boşatmaýar.

## IV. Aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmagy guramaga bildirilýän hökmany talaplar

16. Ygtyýarnama bermek baradaky arzada ygtyýarnamanyň dalaşgäri amala aşyrmagy maksat edinýän, işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini düzýän işleriň we (ýa-da) hyzmatlaryň görnüşini (görnüşlerini) görkezýär, şeýle hem aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmagyň tertibini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen tanşandygyny we olary ýerine ýetirmäge borçlanýandygyny habar berýär.

17. Ygtyýarnamanyň dalaşgäri aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamany almak üçin «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda,

Ygtyýarlylandyryjy edara berilýän arzanyň we resmi namalaryň ýanyna goşmaça şulary goşýar:

1) maddy-tehniki binýady barada maglumatlary (binalaryň, jaýlaryň, tehnologik enjamlaryň, abzallaryň, beýleki gurallaryň we esbaplaryň, şeýle hem görkezilen işleriň, hyzmatlaryň ugry boýunça işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmak üçin zerur bolan gözegçilik-ölçeg gurallarynyň bardygy we ýerleşýän ýeri baradaky maglumatlary);

2) aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrýan, şeýle hem onuň amala aşyrylmagy üçin bildirilýän ygtyýarnama talaplaryna we şertlerine jogapkär taraplaryň hünärleri boýunça laýyk gelýändigini tassyklaýan resmi namalary:

işgär düzüminde durýan, aragatnaşyk babatynda hünärmenleriň we tehniki işgärleriň (hünärler boýunça) ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan tassyklanan sanawyny, onda familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi, bilimi, işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň düzüminde ýerine ýetirilýän işleriň (edilýän hyzmatlaryň) ugry boýunça iş döwri we Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan bellenen görnüş boýunça beýleki zerur bolan maglumatlar görkezilýär;

bilimi barada diplomyň ýa-da başga bir resmi namanyň we (ýa-da) şol ugur boýunça gaýtadan taýýarlygy geçendigi baradaky resmi namanyň nusgasyny;

zähmet depderçesini ýa-da beýleki iş döwrüni tassyklaýan resmi namanyň, şol sanda işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň düzüminde ýerine ýetirilýän işleriň, hyzmatlaryň ugry boýunça iş döwrüni tassyklaýan başga bir resmi namanyň nusgasyny;

hünärmenleriň we tehniki işgärleriň işiň howpsuz usullary boýunça bilimlerini barlamak işiniň we düşündiriş işleriniň geçirilendigi we zähmetiň zyýanly we (ýa-da) howply şertleri bolan desgalarda özbaşdak işlemäge rugsadynyň bardygy hakyndaky şahadatnamalarynyň nusgalaryny;

3) ygtyýarnamanyň dalaşgärinde aragatnaşyk babatynda işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmak üçin oňa eýeçilik, kärende hukugy ýa-da başga bir kanuny esasda degişli bolan binalaryň, jaýlaryň bardygyny tassyklaýan resmi namalaryň kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanan nusgalaryny; zerur bolan halatda şol desgalary ýerleşdirmek üçin ýer bölegini peýdalanmaga hukuk berýän resmi namanyň nusgasyny;

4) ygtyýarnamanyň dalaşgärinde aragatnaşyk babatynda işiň düzüminde görkezilen işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek üçin oňa eýeçilik hukugy ýa-da başga bir kanuny esasda degişli bolan aragatnaşygyň tehnologik enjamlarynyň we gözegçilik-ölçeg gurallarynyň bardygyny tassyklaýan resmi namalaryň nusgalaryny (olarda gelip çykyşy, kysymlary, zawod belgileri we çykarylan ýyllary barada maglumatlar, şeýle hem görnüşleri, tehniki häsiýetnamalary, güwänamanyň bardygy, tehniki şertleri görkezilmelidir);

5) ygytyýarnamanyň dalaşgäriniň arzada görkezen işlerini we hyzmatlaryny ylalaşmak barada operatiw-agtaryş işlerini amala aşyrýan edaralaryň kanagatlanarly çözgüdini (ylalaşmagyň tertibi şu Düzgünnamanyň 30-njy bölümine laýyklykda amala aşyrylýar);

6) gözegçilik-ölçeg gurallarynyň barlagdan geçirilendigi barada şahadatnamalaryň nusgalaryny;

7) howpsuzlyk güwänamasynyň nusgasyny;

8) ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň bildirilýän arassaçylyk we keselleriň öňüni alyş, gigiýena talaplaryna we şertlerine, ýangyna garşy göreş we tehnologik ölçeglerine we kadalaryna laýyk gelýändigi barada Türkmenistanyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň we ýangyn howpsuzlygy edaralarynyň güwänamalarynyň nusgalaryny;

9) ygtyýarnamanyň dalaşgärinde aragatnaşyk babatynda işi geçirmek üçin bar bolan gorag serişdeleriniň, şol sanda işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylýan desgalarynda bar bolan gorag serişdeleriniň sanawyny;

10) ygtyýarnamanyň dalaşgärinde bar bolan, işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmak üçin zerur döwlet standartlarynyň, tehniki şertleriň, ýerine ýetirilýän işleriň, hyzmatlaryň görnüşleri boýunça beýleki kadalaşdyryjy-tehniki resmi namalaryň sanawyny;

11) ygtyýarnamanyň dalaşgäri aragatnaşyk babatynda işiň düzüminde işleri, hyzmatlary haýsy sarp edijilere niýetleýän bolsa, şol sarp edijileriň sanawyny;

12) ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmak üçin ykdysady we maliýe ukybyny esaslandyrýan resmi namalary:

a) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmagyň yglan edilen döwre niýetlenen telekeçilik meýilnamasyny (onda nyrh emele getirmek usuly, maýa goýum çeşmeleri, aragatnaşyk babatynda iş tejribesi barada maglumatlar görkezilýär);

b) şäherara we (ýa-da) halkara aragatnaşyk hyzmatlaryny goşmak bilen, yglan edilen (edilýän) hyzmatlara we ýerine ýeririlýän işlere bolan islege baha bermek (YIGDK-nyň 61.10-njy we 63.11-nji şertli belgileri (kodlary) boýunça);

ç) edara görnüşli tarapyň geçen çärýekdäki we ýyldaky buhgalter balansynyň nusgasyny, goşundylar we düşündiriş ýazgylary bilen bilelikde; täze döredilen edara görnüşli tarap üçin esaslyk maýanyň tölenendigi (esaslyk maýa geçirilen gatançlara berilýän baha) baradaky resmi namany ýa-da başga kepillendirmeleri we zamunlyklary;

13) ozal alnan ygtyýarnamalar, şol sanda aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmaga alnan ygtyýarnamalar barada maglumatlary.

18. Ygtyýarnamaly ygtyýarnama alandan soň, Türkmenistanyň kanynçylygynda bellenen tertipde hyzmatlaryň hil laýyklygy baradaky güwänamanyň nusgasyny bermäge borçludyr.

19. Şu Düzgünnamanyň 17-nji bölüminde bellenen, kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanmagy talap edilmeýän resmi namalaryň nusgasy ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan tassyklanýar we Ygtyýarlylandyryjy edara asyl nusgasyny görkezmek bilen berilýär.

20. Arza seretmek, şol sanda ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan berlen resmi namalardaky maglumatlar Ygtyýarlylandyryjy edaranyň çözgüdi bilen, Ygtyýarlylandyryjy edaranyň we onuň garamagyndaky edara-kärhanalaryň ýokary hünärli hünärmenlerinden döredilýän ygtyýarlylandyryş topary (mundan beýläk - Topar) tarapyndan barlanýar.

Şeýle hem görkezilen çözgütde Toparyň agzalarynyň düzümi kesgitlenýär, onuň başlygy we Toparyň iş tertibi, şeýle hem barlaglary geçirmegiň tertibi bellenýär.

Barlag geçirilende Ygtyýarlylandyryjy edaranyň döwlet edaralaryndan we beýleki taraplardan zerur bolan maglumatlary talap etmäge we almaga hukugy bardyr, Türkmenistanyň kanunçylygynda elýeterliligi çäklendirilen topara degişli maglumatlar muňa girmeýär.

Barlaglar ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan arza berlenden soň amala aşyrylýar.

Edara görnüşli tarapyň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň, adynyň ýa-da hukuk salgysynyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ygtyýarnama gaýtadan resmileşdirilende barlag geçirilmeýär.

21. Topar tarapyndan ýüze çykarylan, ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň şu Düzgünnamada bildirilýän talaplara we şertlere laýyk gelmeýändigi Topara ygtyýarnamanyň dalaşgärine ygtyýarnama bermekden ýüz döndermek barada çözgüt çykarmak üçin ýeterlik esas bolup durýar, bu laýyk gelmezlikleriň ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan Toparyň bellän möhletlerinde, arzanyň we onuň ýanyna goşulýan resmi namalaryň kabul edilenden soň, otuz senenama günden gijä galman düzedilen ýagdaýlary muňa girmeýär.

Toparyň ygtyýarnama bermek ýa-da bermekden ýüz döndermek (gaýtadan resmileşdirmek, möhletini uzaltmak ýa-da hereketini dowam etdirmek) baradaky çözgüdinde ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň (ygtyýarnamalynyň) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini ýerine ýetirmäge laýyk gelýändigi ýa-da gelmeýändigi görkezilmelidir.

22. Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ygtyýarnama bermekden, gaýtadan resmileşdirmekden, onuň hereketini uzaltmakdan ýa-da dowam etdirmekden ýüz dönderen halatynda ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň (ygtyýarnamalynyň) bellenen tertipde ygtyýarnama gözegçiligi edarasyna ýa-da kazyýete şikaýat etmäge, şeýle hem garaşsyz seljermäniň geçirilmegini talap etmäge hukugy bardyr.

Bilermenleriň zähmetiniň tölegleri bilen bagly çykdajylar, şeýle hem garaşsyz seljermäni geçirmek bilen gönüden-göni baglanyşykly goşmaça çykdajylar ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan tölenýär.

23. Aragatnaşyk babatynda işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilýär we Ygtyýarlylandyryjy edaranyň möhri bilen tassyklanýar.

## V. Ygtyýarnama talaplary we şertleri

24. Ygtyýarnama berlende ygtyýarnamanyň dalaşgärine bildirilýän ygtyýarnama talaplary we şertleri şular bolup durýar:

1) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplara, standartlara, ölçeglere we kadalara laýyk gelmegi;

2) Ygtyýarlylandyryjy edara bilen ylalaşylan taslamalar boýunça öz aragatnaşyk ulgamlaryny ornaşdyrmak, olaryň bellenen standartlara, ölçeglere we kadalara laýyk ulanylmagyny üpjün etmek;

3) aragatnaşyk işlerini, hyzmatlaryny sarp edijilere hili boýunça standartlara, tehniki ölçeglere, güwänamalara we aragatnaşyk işlerini, hyzmatlaryny ýerine ýetirmek barada baglaşylan şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) şertlerine laýyklykda hyzmat etmek;

4) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň zähmeti goramak, tehniki howpsuzlyk, önümçilik sanitariýasy kadalaryna laýyk gelmegi, ekologiýa, arassaçylyk we keselleriň öňüni alyş, gigiýena, ýangyna garşy göreş ölçeglerini we kadalaryny berjaý etmek;

5) işgär düzüminde işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň ýokary hilli we howpsuz amala aşyrylmagyny üpjün edýän, degişli bilim derejesi, hünär derejesi we taýýarlygy bolan aragatnaşyk ugrundan hünärmenleriň we tehniki işgärleriň (esasy hünärler boýunça) bolmagy;

6) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň düzüminde yglan edilen işleri, hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin ýeterlik maddy-tehniki binýadyň bolmagy;

7) ygtyýarlylandyrylýan işiň amala aşyrylmagyny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy-tehniki resmi namalaryň bolmagy;

8) ygtyýarnamalynyň işleri, hyzmatlary bilen sarp edijileriň öňünde öz borçnamalary boýunça jogapkärçiligi;

9) barlaglar geçirilende Ygtyýarlylandyryjy we gözegçilik edýän edaralaryň talaby boýunça ygtyýarnamany görkezmek hem-de çäk boýunça aýrybaşga ýerleşýän her bir desgada ygtyýarnamaly tarapyndan tassyklanan ygtyýarnamanyň nusgasyny görkezmek;

10) Ygtyýarlylandyryjy edara bellenen görnüş boýunça statistik hasabaty bermek;

11) her çärýekde we (ýa-da) Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ýazmaça talaby boýunça tehniki serişdeleriň we aragatnaşyk enjamlarynyň işleýşi, işleriň amala aşyrylýan şertleri, hyzmatlar, şol sanda hyzmatlaryň hereket edýän nyrhlary we ýerine ýetirilýän işleriň möçberleri barada maglumat bermek;

12) ygtyýarnama alnandan alty aýdan soň, ygtyýarnamaly tarapyndan Ygtyýarlylandyryjy edara «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy tarapyndan berlen hyzmatlaryň hil taýdan laýyklyk güwänamasynyň nusgasyny bermek.

25. Ygtyýarnama talaplarynyň we şertleriniň şu aşakdaky bozulmalary Ygtyýarlylandyryjy edara ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak üçin esas bolup durýar:

1) ygtyýarnamalynyň Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ýüze çykarylan düzgün bozulmalary aradan aýyrmaga borçly edýän çözgütlerini ýerine ýetirmezligi;

2) ygtyýarnamaly tarapyndan ygtyýarnamany gaýtadan resmileşdirmek, ygtyýarnamanyň nusgasyny (dublikatyny) almak üçin arzanyň bellenen 15 senenama gününiň dowamynda berilmezligi;

3) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşi amala aşyrylanda ygtyýarnamalynyň (onuň düzümindäki işgärleriň) Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelýän ýa-da başarnyksyz hereketleri (şolaryň netijesinde olara zyýan (zelel) ýetirilen bolsa) barada edara görnüşli we şahsy taraplaryň esaslandyrylan şikaýatlarynyň gelip gowuşmagy;

4) barlaglar geçirilende Ygtyýarlylandyryjy edara ýa-da beýleki gözegçilik edýän edara tarapyndan talap edilýän, zerur resmi namalary bermekden, şeýle hem barlag geçirýän adamlaryň desgalara ýa-da ölçeýji gurallaryň ýanyna päsgelçiliksiz barmaklaryny üpjün etmekden esassyz boýun gaçyrylmagy;

5) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşlerini düzýän işleriň we hyzmatlaryň şu Düzgünnamada bellenen hünär derejesine we hünär taýýarlygyna laýyk gelmeýän adamlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi;

6) aragatnaşyk babatynda işiň amala aşyrylmagy üçin jogapkär adamyň çalşylandygy barada 30 senenama gününiň dowamynda Ygtyýarlylandyryjy edara habar berilmezligi;

7) radioýygylyklardan peýdalanylandygy üçin tölegler boýunça berginiň bolmagy;

8) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň düzüminde amala aşyrmaga rugsat berilmedik (ygtyýarnamada görkezilmedik) işleriň we hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi;

9) ygtyýarnamaly tarapyndan şu Düzgünnamada we işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylmagyny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda oňa bildirilýän beýleki talaplaryň we şertleriň ýerine ýetirilmezligi.

26. Milli howpsuzlyk, operatiw-agtaryş çärelerini geçirmek bilen baglanyşykly meseleler ýüze çykan ýagdaýynda operatiw-agtaryş işlerini amala aşyrýan edaranyň kanuny talaplaryna görä Ygtyýarlylandyryjy edara ygtyýarnamanyň hereketini togtatmaga borçludyr.

27. Ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak barada çözgüt çykarmak bilen, Ygtyýarlylandyryjy edara şu ýagdaýlarda kazyýete ygtyýarnamany ýatyrmak barada talap arzasyny berýär:

1) ygtyýarnamaly tarapyndan ygtyýarnama talaplarynyň we şertleriniň bozulyp, raýatlaryň hukuklaryna, kanuny bähbitlerine, ahlagyna, ömrüne we saglygyna, ýurduň goranmak ukybyna we howpsuzlygyna, daşky gurşawa zyýan (zelel) ýetirilen ýagdaýynda;

2) ygtyýarnama bermek baradaky çözgüdiň bikanundygy ýüze çykarylanda;

3) ygtyýarnamaly tarapyndan şu Düzgünnamanyň 25-nji bölüminde bellenen ygtyýarnama talaplarynyň we şertleriniň bir senenama ýylynyň dowamynda iki ýa-da ondan köp gezek bozulmagy.

## VI. Beýleki düzgünler

28. Ygtyýarnamanyň dalaşgäri aragatnaşyk babatyndaky işlere we hyzmatlara ygtyýarnama almak üçin Ygtyýarlylandyryjy edara öz arzasyny bermezden öň, olar boýunça hökmany suratda operatiw-agtaryş işlerini amala aşyrýan edaralar bilen ylalaşmalydyrlar. Ylalaşma tertibini amala aşyrmak üçin ygtyýarnamanyň dalaşgäri Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligine degişli resmi namalary berýär.

29. Ygtyýarnamaly tarapyndan aragatnaşyk babatynda işiň düzüminde amala aşyrylýan işleriň we hyzmatlaryň sanawy Ygtyýarlylandyryjy edaranyň talaby bilen diňe milli howpsuzlygyň bähbitleri, operatiw-gözleg çäreleriniň geçirilmegi

sebäpli düýpli ýagdaýlar ýüze çykanda we solar bilen baglylykda täze standartlaryň, ölçegleriň we kadalaryň girizilmegi ýa-da hereket edýänleriniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly, şeýle hem «Adatdan daşary ýagdaýyň hukuk düzgüni hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen esaslarda üýtgedilip bilner.

30. Ygtyýarnamanyň hereketiniň belli bir möhlete togtadylmagy onuň hereketiniň şol möhlete uzaldylmagyna esas bolup bilmeýär.

31. «Işleriň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen edara görnüşli taraplaryň işi ygtyýarnama almazdan amala aşyrmaga hukugy olary şu Düzgünnamada göz öňünde tutulan ygtyýarnama talaplaryny we şertlerini berjaý etmek borjundan boşatmaýar.

Şeýle edara görnüşli taraplaryň ygtyýarnama talaplaryny we şertlerini bozandyklary bilen baglanyşykly olaryň işlerini togtatmak ýa-da ýatyrmak Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrylýar.

32. Ygtyýarlylandyryjy edara öz ygtyýarlylygynyň çäginde aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmak meseleleri boýunça ygtyýarnama gözegçiligi edarasy bilen ylalaşyp, degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny tassyklaýar we ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenen tertipde hasaba alynýar.

33. Şu Düzgünnamada göz öňünde tutulmadyk aragatnaşyk babatynda işi ygtyýarlylandyrmak boýunça hökmany bolan düzgünler we tertipler «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna hem-de şu işi düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär.